# Ala horjun

Category: Goşgular,Kitapcy
написано kitapcy | 21 января, 2025
Ala horjun Oguljemal ÇARYÝEWA

▶ ALA HORJUN

Men seni elime alyp otyryn,
Gözüne çöp atyp gamly gijäniň.
Gör, men otyrynmy ýa-da ýatyryn,
Parhy ýok, tün gördi özüm tijänim.

Içimde bir duýgy, göýä, bir bulak,
Akyp dur söz bolup,
käte göz bolup.
Gije diňşirgenýär asyplar gulak,
Dünýä bakýar nikapdaky ýüz bolup.

Belki-de ol maňa aýdýar erteki,
Ýok, ilki men oňa özüm aýdaýyn.
«Bir bar eken, bir ýok eken…» örtedi,
Kalplarda bagladyp hyýal baýdagyn.

Wagt bolsa geçip dur,
Tutdurman guýruk,
Aý azaşdy, bulut ýolun basgylap.
Men duýgularma bilemok buýrup,
Muny tassyklady, han-ha asgyran.

Bu ömür diýlen zat, göýä, bir argyş,
Söwdasy niçikdir,
Gör, nirä barmyş?!
Içiňde näme bar ala horjunym,
Söwdada aldady meni bu durmuş.

Albaýa ynandym, tanaman hetdim,
Etmedik işim kän,
nämeler etdim.

Gör, elimde bolsa ýogyn alaja,
Köñül matasyny çykaryp petden,
Säwlikler men bolup, meni baglaýar.

Otyryn,
dulumda ~ boşan sallançak
Yralaýar
hem men bolup aglaýar…

* * *

Kine eder ýaly zat hem ýok ýaly,
Bahanalar üçin gözlemän paly
Ähli zady boýnumyza alaly,
Hijran ummanynda azaşan saly
Ýola salmagyñ gerekdi,
Sen näme üçin dymdyñ?!

Gül ýaşlygyñ kän bolupdy wadasy,
Men pahyr hem boldum dünýäñ sadasy.
Pyşyrdylar pyşyrdaplar ýadady,
Ähli zady boýnumuza alaly,
Gorkuzanda ýalñyzlygyñ adasy
Durmuş kenaryna eltmän,
Sen näme üçin dymdyñ?!

Ýükler werziş edýär ýüki çekeni,
Wagt kem-kemden gözüñ açýan ekeni.
Bagryma çümdürdim gomly tikeni
Ähli zady boýnumyza alaly.
Görseñ-de sen kejebämiñ çökenin
Galdyrmak gerek wagtynda,
Sen näme üçin dymdyñ?!

Salgym düýşlerimi düýnde gazyp ýör,
Wah, şu ýat gurasyn, baryn ýazyp ýör.
Arzuwlar hem, gör, nirede gezip ýör,
Geldiñ, tapmaçany tapyp ber indi.
Bilmedik bolmaklyk gülkünç, gyzyk bor.

Gerek däl bolsam, näme üçin geldiñ?

Gerekli bolsam, näme üçin dymdyñ?.. Goşgular